# Dowan dogruçylyñ toý gutlaýşy / satiriki hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 21 января, 2025
Dowan dogruçylyñ toý gutlaýşy / satiriki hekaýa DOWAN DOGRUÇYLYÑ TOÝ GUTLAÝŞY

Gadyrly ýoldaşlar, toýdaşlar! Ýaş çatynjalaryñ şu günki tutýan dabaraly «komsomol» toýuny tüýs ýürekden gutlamak bilen birlikde men «Göz etmän, gaş etmez, deñ etmän, duş etmez» diýenleri ýaly, durmuş gurýan ýigit bilen gelnimiziñ, edil bir almany iki bölen ýaly, bir-birine diýseñ mynasypdygyny belläp geçmekçi. Daşyndan görseñ, «Şu ýigidiñ gazan ýaly kellesi akyl-paýhasyñ öýüdir» diýäýmeli. Örän syratly, nazarkerde oglan. Bu ýigit bir gargyş siñen diýen ýaly, başdan bagty çüwmedik oglan. Bir maşgalanyñ ýeke dikrary bolansoñ, läliksiräp, belli bir işiñ başyny tutubilmän, iti kowup, ýerinde ýatyp ýören bihepbe bolup ýetişdi bi. Özi bir mekansyzrak oglan bolansoñ, asyl bu petigarada aýal togtamady. Ilkisini muñ özi kyhlap kowdy. Ikinjisi bada-bat bu neressäniñ emelsiz, bigaýratlygyna göz ýetirip, turdy-da gidiberdi.
Diýmäýin diýsem, bu garagol kakasynyñ baýlygyna baýrynyp, şäherde birini, obada ikinjisini saklabam gördi. Onda-da başy gowgaly boldy. Obadaky muñ bilen deñ bolman, ýuwaşlyk bilen goşuny paýlaşyp, ýokary okuwa gitdi. Şäherdäkisi welin bu neressäniñ ezeneginden tutup, milisiýasyny, prokuraturasyny goýman, kän süýredi. Neressäm gazamadyñ bäri ýanyndan gaýtdy. Elbetde, giräýen bolsa, bu bolup ýörşünden ibaly bordy. Zähmet-düzediş lagerinde ajyny-süýjini seljerip, düzedip çykardy. «Berim gökden ýol ýasar» diýenleri ýaly, muny kakasynyñ mugt urýan pullary halas etdi.
Ýigidiñ gapdalynda kemim bardyr öýtmän, gaýşarylyşyp oturan, ýüz-gözünden nur däl-de, Mendeleýewiñ tablisasyndaky himiki elementleriñ ençemesi, ýagny her dürli reñk görülýän gelnimiziñem hiç bagty açylmady.

Keýgim, bagyşla welin, dogrudanam, seň görmedigiň görde galandyr! Asyl saňa-da är düýtmedi! Ilki berleniň ýüzüni ýuwjak däl. Ol özüňdenem beter, alaryny bilse, atasyny sylamaýan, utançdan on gün öň doglan, bihaýa jüwlükdi. Ýeri ony-ha özüňden ökde görüp, spekulýant ejeňi ýanyňa alyp, daşyna geçip, gazamada gabatdyň. Ikinjiňe näme diýjek? Boýnuboş neressäni äsgermän, içeriniň bar keşigini üstüne atdyň. Ol neresse seň geýimleriňe deňiç ýuwup beribem ýaranyp bilmedi. Ondan bolan çagaňam öňki äriňden bolanja oglanjygyň ýanyna goşup, ejeňe tabşyrdyň-da, täze är gözlegine çykdyň. Üçünji baranyňam ýaman ýigit däldi. Bilmedik, haýsyňyzdandygyny welin, iki aý geçmänkä goşuňyzy paýlaşdyňyz oturyberdiňiz. Ondan soňkyňam oňuşmazça däldi. Özüň yrsarap, «Tamym bişen kerpiçden salnan diýip aldapdyr. Tamy çig kerpiçden eken. Çig kerpiçden salnan jaýda ýaşajak däl!» diýip, ol görgülini öň galyň salyp, bergä batyranyň üstesine içerisiniň barja goşuny-da göterip gaýtdyň!
Görşümiz ýaly, ýoldaşlar, ýigidimiziňem, gelnimiziňem durmuş guran gezeklerini hasaplasaň, sanma-san gelip dur. Şu jähtden seredeniňde, gudalaryň utduk diýip öwünmek ýa-da utuldyk diýip, gynanmak aladalary-ha ýok. Ýigit bilen gelnimiziň bir-birine sataşmagy durmuşyň täsin bir hadysasy, ýoldaşlar!
Elbetde, şu wagt toý çorbasyny iýip oturan gelnimiziň bu öýe mugt gelmändigini, galyň diýlip geçirilen müňläp-müňläp pullaryň sepini bildirmezlikden ötri «komsomol» toýunyň tutulandygyny biziň hemmämiz bilýäris. Nädeli-dä, her bir bilýän zadyňy aýdyp durup bolýarmy näme?!
Garaz, men-ä ýoldaşlar, ýigit bilen gelnimiziň haýsyny bijebaşy etjegimi bilemok. Ýöne bulara indi bir duralyklyrak bolaweriň diýip, towakga edesim gelýär.
Siziň parhsyzlygyňyza, näletkerdeligiňize daşyňyzdan utanyp, ýere girjek bolýarys. «Öwrenilen gylyk örkleseňem durmaz» diýen nakylam-a bardyr welin, keýgim, sen arkalyrak bol-da, gazygyňda garrajak bol! Ýigit, senem öňki masgaraçylygyňy az görmeýän bolsaň, iň bolmanda, bir howa, il ýüzüne oňşukly ýaşaşjak bol!
Men bir ile meňzeş sypaýyçylykly, medeniýetli geplemäni

oňarýan bidöwledem däldirin. Gep owadanlamany başaramok. Adamçylykdyr, gaty-gaýrym söz diýen bolsam, kän bir göwne alman bagyşlaşmaşak!
«Komsomol» toýuňyz gutly bolsun! Döwran sürüň!

Berdimuhammet GULOW. Satiriki hekaýalar